***Bilim bagtyýarlyga, ruhubelentlige hem-de rowaçlyga deňelýär, beýik işleriň gözbaşy hasaplanýar. Ylym-bilim ulgamynda-da uly üstünliklere beslenen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem tamamlanyp barýar. Şanly ýylyň dowamynda Garaşsyz ýurdumyzyň milli bilim ulgamy yzygiderli kämilleşdirildi. Ruhy taýdan kämil, giň dünýägaraýyşly ýaş nesilleri terbiýelemek boýunça netijeli işler alnyp baryldy.***

Döwlet Baştutanymyzyň tagallalary netijesinde, ylymly-bilimli nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge, okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny kämilleşdirmäge gönükdirilen özgertmeler dowam etdirildi. Ýakynda, has takygy, 24 – 26-njy dekabrda ýurdumyzyň ýokary mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dürli dersler boýunça geçirilen olimpiadanyň mysalynda muňa ýene bir gezek aýdyň göz ýetirdik. Olimpiadalarda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň bagtyýar talyp ýaşlary hem üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlaryň birnäçesine mynasyp boldular.

Hususan-da, paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen olimpiada biziň institutymyzdan wekilçilik eden talyplar Türkmenistanyň taryhy, Türkmen dili, Rus dili, Iňlis dili, Matematika, Fizika, Himiýa, Ykdysadyýet, Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary, Inžener grafikasy, Nazary mehanika, Materiallaryň garşylygy, Ekologiýa ýaly derslerden özara bäsleşdiler. Umumylykda, institutymyzyň talyplary tarapyndan 1-nji orunlaryň 10-sy, 2-nji orunlaryň 15-si, 3-nji orunlaryň bolsa 9-sy gazanyldy. Talyplarymyzyň şeýle ýokary görkezijilere eýe bolmaklary institutymyzda berilýän bilimiň hiliniň ýokarydygynyň, ýaşlaryň yhlasly ylym-bilim alýandyklarynyň aýdyň beýanydyr.

Bagtyýar ýaşlar Gahryman Arkadagymyzyň ýol-ýörelgelerine eýerýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şeýle uly aladalaryna jogap edip, eziz Watanymyzyň beýik ösüşlerine mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Olar döwrümiziň ajaýyp ösüşlerinden ruhlanyp, okamakda, işlemekde, döretmekde, gurmakda ukyp-başarnyklaryny gaýgyrmaýarlar. Munuň üçin hormatly Prezidentimize alkyşlarymyz egsilmezdir.

**Jumanazar BATMANOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň Amaly mehanika kafedrasynyň müdiri.**

Все права защищены